**“Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda “Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary” boýunça geçiriljek onlaýn ders bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylmyň, tehnikanyň örän çalt depginler bilen ösmegi, okatmagyň täze innowasion tehnologiýalarynyň döremegi, döwletimiziň dünýäniň bilim giňişligine goşulyşmagy takyk ylmy ugurly dersleriň okadylyşyny kämilleşdirmek wezipelerini öňde goýdy.

Türkmenistanda takyk ylmy ugurly dersleriniň umumy bilim maksatnamasynyň çäklerinde bilim almagyň döwlet bilim standartlaryna laýyklykda, ýaşlaryň gündelik durmuşda kommunikatiw, maglumat-tehnologiýa we durmuş-zähmet başarnyklarynyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Ýurdumyzyň ýaşlarynyň milli standartlaryna görä taýýarlanmaklary, bilen bir hatarda dünýä tejribesinde giňden peýdalanylýan innowasion usullar arkaly, okatmagyň häzirki zaman ýörelgelerini öwrenmek, sanly bilim ulgamyny giňden peýdalanyp, aýry-aýry dersler boýunça berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak, okatmagyň usulyýetini döwrebaplaşdyrmak we hilini ýokarlandyrmak dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary bilen tassyklanan “Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyna” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasyna şeýle hem “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna” we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026-2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasyna laýyklykda “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýyly mynasybetli ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde “Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary” boýunça onlaýn ders bäsleşigi geçirilýär.

## I. BÄSLEŞIGIŇ MAKSADY WE WEZIPELERI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe 2026-njy – “Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany” ýylynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň “Döwrebap sanly tehnologiýalary giňden ulanmak döwletimizi we jemgyýetimizi okgunly ösdürmegiň möhüm şerti bolup durýar” diýen dürdäne sözlerinden ugur alyp, ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda ýokary hünär bilimini ösdürmegiň 2026-2052-nji ýyllar üçin Strategiýasyna” we ony amala

aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň 2026-2030-njy ýyllar üçin Meýilnamasynyň çäklerinde ýerine ýetirilmeli işlere laýyklykda geçiriljek “Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary” dersi boýunça onlaýn bäsleşiginiň esasy maksady talyp ýaşlaryň öwrenen nazary we amaly bilimlerini döredijilikli kämilleşdirmeklerine hem-de umumy dünýägaraýyşlaryny ösdürmeklige, häzirki döwürde ýüze çykýan ylmy we amaly meseleleri derňemäge ukyply ýaş hünärmenleri ýetişdirmeklige, zehinlerini has-da ýokarlandyrmaklyga şeýle hem terbiýeçilik ähmiýetli işleri alyp barmaklyga gönükdirilendir.

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriljek bu bäsleşik Türkmenistanda bilim ulgamyny sanlylaşdyrmak bilen baglanyşykly innowasion tehnologiýalardan netijeli peýdalanmakda ýaşlarymyzyň ukyp-başarnyklaryny açyp görkezer. Bäsleşigiň netijesinde bedew bady bilen ösýän ýurdumyzyň innowasion tehnologiýalary ulanmagy hem-de çylşyrymly meseleleri özbaşdak çözmegi başarýan zehinli ýaşlary ýüze çykarmaga ýardam eder.

## II. BÄSLEŞIGIŇ GEÇIRILIŞ TERTIBI WE ŞERTLERI

- Bäsleşik **2026-njy ýylyň aprel aýynyň 10-na sagat 10:00-da** bellenilen ýokary okuw mekdeplerinde bir wagtda geçiriler we ähli gatnaşýanlar ekran arkaly göni ýaýlymda görkeziler;
- “Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary” boýunça geçiriljek onlaýn ders bäsleşigi ýurdumyzyň ähli ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçirilip, her ýokary okuw mekdebinden 3 (üç) talyp gatnaşyp biler we Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň web saýty arkaly ýokary okuw mekdepleriniň özünde ***onlaýn*** gatnaşmak arkaly geçiriler;
- Gatnaşyjylara öz ýany bilen aragatnaşyk serişdelerini, elektron-hasaplaýjy tehnikany, foto, audio we wideo enjamlaryny, gözükdiriji serişdeleri hem-de maglumat göterijileri, aragatnaşyk geçiriji islendik serişdeleri, emeli aňy ulanmak rugsat berilmeýär;
- Bäsleşige gatnaşýan talyplar soraglary hem-de ýumuşlary özbaşdak işlemeli. Bäsleşigiň geçirilýän wagty, goşmaça kömek edilen, töweregindäki ýoldaşlary bilen özara gürrüň eden ýa-da emeli aňy ulanan gatnaşyjy bäsleşige gatnaşýanlaryň hataryndan çykarylar;
- Bäsleşigiň çäklerinde talyplara hödürlenjek soraglar hem-de ýumuşlar bäsleşige gatnaşmaýan, garaşsyz hünärmenler tarapyndan tdu.hzkt@gmail.com elektron poçtasyna ibermek arkaly hödürlenilip bilner. Hödürlenilýän soraglar we ýumuşlar anyk jogaby (çözüwi) bilen guramaçylyk toparyna **2026-njy ýylyň aprel aýynyň 7-ine** çenli ugradylmaly;
- Bäsleşige gatnaşjak talyplar we jogapkär mugallym baradaky maglumatlary **2026-njy ýylyň aprel aýynyň 8-ne** çenli aşakda görkezilen görnüşinde *word (*.docx) faýlynda* tdu.hzkt@gmail.com salgysyna ugratmaly.

**ÝOKARY OKUW MEKDEBINIŇ ADY**

| T/B | Talybyň familiýasy, ady we atasynyň ady | Ýyly, hünäri | El telefony, elektron poçtasynyň salgysy |
|---|---|---|---|
| 1 | | | |
| 2 | | | |
| 3 | | | |
| **Jogapkär mugallymyň familiýasy, ady we atasynyň ady, wezipesi, telefon belgisi** | | | |

## III. BÄSLEŞIGIŇ EMINLER WE GÖZEGÇI TOPARY

- Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda Häzirki zaman kompýuter tehnologiýalary boýunça geçiriljek “onlaýn ders bäsleşigini” üstünlikli geçirmek we jemini jemlemek üçin Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan eminler topary döredilýär;
- Ýokary okuw mekdeplerinden jogapkär mugallymlar bäsleşigiň geçirilişine onlaýn wideoşekiller arkaly gözegçilik edip bilerler;
- Islendik gatnaşyjynyň arz-şikaýat bilen ýüz tutmaga hukugy bar. Arz-şikaýatlar bilen diňe toparyň ýolbaşçysy eminler toparyna elektron poçta arkaly ýüz tutup biler;
- Arz-şikaýatlar eminler topary tarapyndan seredilýär we ahyrky netijäni eminler toparynyň başlygy kesgitleýär hem-de bu gutarnykly netije üýtgedilmäge degişli däldir.

## IV. BÄSLEŞIGIŇ JEMINI JEMLEMEK WE ÝEŇIJILERI SYLAGLAMAK

- Bäsleşigiň netijesi şahsy bäsleşikde toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlener;
- Bäsleşigiň netijesi beýanlar arkaly resmileşdiriler we eminler toparynyň netijenamasy esasynda gatnaşýan talyplaryň 50%-i ýeňiji diýip yglan ediler we olar I, II we III derejeli diplomlar bilen sylaglanar;
- Ýeňijiler Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň diplomlary bilen sylaglanar.

**Guramaçylyk topary**
**Telefon: +99362163533;**
**e-mail: tdu.hzkt@gmail.com**